# Reñkler bolmadyk bolsa…

Category: Haýwanat dünýäsi,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Reñkler bolmadyk bolsa… REÑKLER BOLMADYK BOLSA…



Reñksiz dünýäde ýaşaýşyň neneñsi boljakdygy barada, heý, oýlanyp gördüñizmi? Töwerek-daşyñyzdaky adamlaryñ, asmanyñ, deńizleriñ, daglaryñ, baglaryň, gülleriñ, haýwanlaryñ, saçyñyzyñ, gözüñiziñ reñki bolmasa nahili bolardy? Ýer yüzündäki we asmandaky dürli-dürli reñklere öwrenişendigimiz sebäpli dünýäni reñksiz göz önüne getirmek juda kyn bolsa gerek. Degre-daşyña seredeniñde ähli janly-jandarlaryñ özboluşly reñkiniň bardygy hem-de ol reñkleriñ özara sazlaşýandygy gözüñe ilýär. Aslynda, biziñ jisimleri reñkli görmegimiz olardan serpilip çykýan ýagtylyga bagly. Her zadyñ gurluşynda onuñ reñkli görünmegini üpjün edýän reñk bölejikleri bar. Bu reñk bölejiklerine pigment diýip at

berilýär. Günden gelýän şöhleler şol reňk bölejiklerine baryp yza serpikýär we biziň gözümize gelip ýetýär. Reňk bölejikleri haýsy reňki yzyna serpikdirýän bolsa, biz jisimleri şol reňkde görýäris. Mysal üçin, ýaprak özüne gelýän ýagtylykdan diňe ýaşyl reňki yzyna serpikdirýänligi sebäpli ol ýaşyl reňklidir. Erik bolsa sary reňki serpikdirýänligi üçin sary görünýär.

Asmanyň we Ýer ýüzüniň esasy reňkleri bolan gök hem-de ýaşyl reňkleriň adamyň gözüni rahatlandyryjy häsiýeti bar. Ine, şonuň üçinem ýaşyl meýdanlarda gezim etmek, şol ýerlere gezelenje gitmek ýa-da deňzi synlamak biziň göwnümizi göterip, şähdimizi açýar.

Ösümlüklerdäki ýaşyl reňki emele getirýän bu reňk bölejikleri olaryň ýaşamagynda hem möhüm orun eýeleýär. Hlorofil diýlip atlandyrylýan bu bölejiklerde fotosintez hadysasy bolup geçýär. Munuň netijesinde ösümliklere zerur bolan kislorod hem-de energiýa öndürülýär.

Al-elwan bolup oturan güller biziň ünsümizi çekişi ýaly, başga janly-jandarlaryň hem ünsüni çekýär. Muňa mysal hökmünde mör-möjekleri görkezmek bolar. Mör-möjekler reňkini halan gülleriniň tebigy usulda tozanlanmagyna sebäp bolýarlar. Özleriniň bolsa bu zatlardan habary hem ýok.

Haýwanat dünýäsinde hem birnäçe reňk ýaşaýşyň dowam etmegine işjeň gatnaşýar. Käbir haýwanlaryň derisinde daşky gurşaw bilen diýseň sazlaşykly reńkleriń we şekilleriň bardygy sebäpli olary aýyl-saýyl etmek kyn düşýär. Guran ot-çöpleriň arasynda bukulyp ýatan ýolbarsy görmek örän kyndyr. Sebäbi onuň reňki guran ot-çöpüň reňkine örän çalymdaşdyr. Topar bolup duran zebralaryň bir-birine gatlyşýan akly-garaly zolaklary bolsa, ýolbarslary kyn güne goýýar.

Ösgün otlaryň arasynda ýapyrylyp ýatan çitany hem saýgarmak örän kyndyr. Çünki, çitanyň derisindäki ýüzlerçe gara menekler onuň bedeniniň takyk görünmeginiň önüni alýar. Ýapraklaryň arasynda duran çekirtgäni, öz reňki üstüne gonup oturan gülüniň reňki bilen çalymdaş möjejigi ýa-da bolmasa daşky gurşawa görä reňkini üýtgedýän kelpesäni birbada görüp bilmeýäris. Elbetde, olaryň duşmanlary hem olary birbada görüp bilenoklar.

Birnäçe deňiz jandary hem özleriniň ýiti hem-de özüne çekiji reňkleri bilen özleriniň zäherlidiklerini habar berýärler. Şeýdip olaryň öz-ä ölmän galýar, duşmanlary hem zäherlenip ölmekden halas bolýar.

Kebelekleriñ reñkler arkaly goranyşlary hem bizi haýran galdyrýar. Käbir kebelekleriñ ganatynda äpet göze çalymdaş şekiller bardyr. Kebelek ganatyny açan wagty, şol «gözler» edil baýguşyñ gözi ýaly bolup görünýär. Reñkler howpsuzlygy üpjün etmek bilen bir hatarda iýmitlenmäge hem kömek berýär. Meselem, deñiz çarlagynyñ jüýjesi ajygan mahaly enesiniñ çüñkündäki gyzyl nokatjyklary çokup ugraýar. Ene guş hem onuñ ajyganyny bilip, awuñ ugruna çykýar. Mundanam başga, birentek haýwan öz çagasyny ýa-da höwrüni reñkinden tanaýar.

Görşüñiz ýaly, älem-jahan müñ dürli al-elwan reñkler bilen ýaradylypdyr. Her bir reñke özboluşly dil berlipdir. Reñkler dünýäniñ görküne görk goşýar, adamlara peýda berýär, ösümlik hem-de haýwanat dünýäsine bolsa dürli öwüşgin çaýýar. Ýaşaýyş serişdesi bolup hyzmat edýär.

Wepa GARLYÝEW. Haýwanat dünýäsi